***Çagalyk döwri şahsyýetiň kemala gelýän döwrüdir. Okamak bolsa sagdyn şahsyýetiň kemala gelmegine ýardam edýär. Şunda Gahryman Arkadagymyzyň atalyk kitaplary ýaş nesilleri terbiýemekde möhüm gollanmalar bolup hyzmat edýär.***

Ýaş nesilleriň milli terbiýesini gazanmakda halk döredijiliginiň eserlerinden, türkmeniň döwletlilik ýörelgesinden, Gahryman Arkadagymyzyň eserlerinden ugur alýarys. «Adamzadyň geljegi kitaby köp okaýanlaryň elinde bolar. Ylymly-bilimli ýaşlar bolup, ata Watanymyza wepaly gulluk etmek beýik mertebedir. Biziň geljegimiz ýaşlarymyz bilendir» diýýän Gahryman Arkadagymyzyň eserleri häzirki zaman türkmen pedagogikasynyň aýrylmaz bölegidir. «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar», «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» ýaly kitaplar her bir türkmen ogul-gyzynda halkymyzyň naýbaşy häsiýetlerini terbiýelemekde tapylgysyz çelgidir.

Gahryman Arkadagymyz öz okyjylaryna ýüzlenip: «Kitaby okaýan mahalyňyz siziň bilen pikir alyşmaga jany-teni bilen höwesek, öz garaýyşlaryny paýlaşmaga döwtalap awtoryň hut ýanyňyzdadygyny duýuň! Men hut şol wagt ol ýerde bolmasamam, siz hakdaky pikirlerim bilen siziň her biriňiziň ýanyňyzdadyryn» diýýär. Okyjysyna — halkyna bolan mähribanlygyň esasynda Gahryman Arkadagymyzyň «Älem içre at gezer», «Döwlet guşy», «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri», «Ynsan kalbynyň öçmejek nury», «Ömrümiň manysy», «Ömrümiň manysynyň dowamaty» ýaly kitaplary biziň her birimiziň esasy gollanmamyza öwrüldi.

Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur paýhasyndan, köpýyllyk durmuş tejribesinden hem-de beýik Watan söýgüsinden dörän edebi, ylmy, ensiklopedik we filosofik kitaplarynyň her biri älemi ýagtyldýan ýyldyzlar mysaly, ýaş nesilleriň ýoluna şugla saçýar. Röwşen ýollardan barýan ýaşlar bolsa Watanyň ýagty geljegini gurujylardyr. Munuň özi millet üçin berkararlykdan nyşandyr. Ajaýyp zamanamyzda ak ýürekden zähmet çekip, bagtyýar çagalarymyzy döwrümize mynasyp şahsyýetler edip ýetişdirmek ugrunda döredilýän giň mümkinçilikler üçin Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza egsilmez alkyşlar aýdýarys!

**Aýbölek GURBANÝAZOWA,**
**Mary welaýatynyň Mary etrabynyň Çary Gurbangylyjow adyndaky 19-njy orta mekdebiniň başlangyç synp mugallymy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026